TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ MILLI BILIM INSTITUTY

# INFORMATIKA 7

Türkmenistanyň orta mekdepleriniň VII synplary
üçin interaktiw-multimedia elektron gollanmasy

AŞGABAT 2014

# Faýllar sistemasynyň obýektleri bilen işlemek
# Lokal kompýuter tory barada düşünje
# “Tor  gurşawy “ papkasy

# Faýllaryň we papkalaryň **döredilişine**, atlarynyň **üýtgedilişine** mysallarda seredeliň.

**Документы** papkanyň içinde **Meniň dostlarym** we **Bitaraplyk** atly papkalary döretmeli.
**Проводник** menejeriniň çep panelinden **Документы** papkany saýlalyň we syçanyň sag gulagyna basanymyzda çykýan menýudan **Создать →Папку** buýrugyny ýerine ýetireliň.
Teklip edilýän **Новая папка** adyň ýerine täze – **Meniň dostlarym** ady girizeliň. Soňra **ENTER** klawişe ýa-da adyň ýazgysynyň daşynda syçanyň çep gulagyna basýarys.
Şunlukda täze papkanyň döredilendigini göreris. Edil şeýle usul bilen Bitaraplyk papkasyny hem dörederis.

**Faýllary (papkalary) nusgalamak** – faýlyň (papkanyň) başga papkada nusgasyny döretmekdir.
Başlangyç faýlly papka *çeşme,* faýlyň nusgasyny ýerleşdirmek üçin döredilen papka bolsa *kabul edijidir*.

**Faýlyň ornuny üýtgetmek –** ilki başdaky papkada saklamazdan, kabul ediji papkada nusgasyny döretmekdir.
Obýektiň ornuny üýtgetmek edil nusgalamaklyga meňzeş ýerine ýetirilýär.
Çeşme bolup hyzmat edýän papkadan orny üýtgediljek obýekti saýlamaly we syçanyň sag gulagyna basanymyzda çykýan menýudan **Вырезать** buýrugyny ýerine ýetirmeli.
Soňra kabul ediji papkany saýlap, syçanyň sag gulagyna basanymyzda çykýan menýudan **Вставить** buýrugyny bermeli.

Hemme obýekti nusgalap ýa-da ornuny üýtgedip bolmaýar. Mysal üçin: **Компьютер** papkanyň nusgasyny döredip, ornuny üýtgedip bolmaýar.

Gerekmejek faýllar we papkalar ýok etmek bolar. Onuň üçin olary tapawutlandyryp, klawiaturadaky **DEL** klawişe basmak ýa-da syçanyň sag gulagyna basanymyzda çykýan menýudan **Удалить** buýrugy bermek ýeterlikdir.

Informasiýalary çalt alyş-çalyş eder ýaly we umumy resurslary bilelikde peýdalanar ýaly, kompýuterleri tora birleşdirýärler.

Toruň resurslary bolup gurluşlar (printerler, skanerler, wideokameralar, proýektorlar) we informasion obýektler (programmalar, faýllar, papkalar, maglumatlar gory) hyzmat edýärler.

**Lokal kompýuter tory** bir-birinden onçakly daş bolmadyk aralykda ýerleşen kompýuterleriň birikdirilmegidir.

Lokal toruň kompýuterleri bir edaranyň, kärhananyň, okuw jaýynyň çäklerinde ýerleşip bilerler.

Meselem, bir kompýuter otagynda ýerleşen kompýuterleri lokal tora birikdirmek maksadalaýykdyr.

Umumy elýeterli resurslary (meselem, umumy papka we printer) habarlaşmakda ulanýan kompýuterleriň toparyna **işçi topar** diýilýär.

Kompýuteriň torda işlemegi üçin, degişli *apparat we programma üpjünçiligi* zerurdyr.

Lokal toruň apparat üpjünçiligine kompýuterleriň *tor adapterleri* we *birikdiriji kabeller* girýär.

Kompýuterler torlara kabeller arkaly birikdirilýär.

Şeýle-de bolsa *simsiz lokal torlar* has köp ulanylýar.

Kompýuterleriň lokal tordaky işine operasion sistema ýardam berýär.

Ulanyjylaryň lokal torda özlerini alyp barmaklarynyň ýeke-täk düzgünleri ýokdur.

Diňe käbir umumy talaplary goýmak bolar:

- beýleki ulanyjylara tora girmek üçin öz adyňyzy we parolyňyzy bermäň;
- mümkinçilige görä informasiýany umumy peýdalanylýan disklerde däl-de, öz kompýuteriňiziň diskinde saklaň.

## *Gönükmeler*

Öz kompýuteriňizde **Сеть** papkasynyň üstünde syçanyň çep gulagyna iki gezek basmak bilen, size elýeterli bolan top resurslaryny görüň.

Öz kompýuteriňizde **Synpdaşlaryma hat** atly papka trödediň.
Synpdaşlaryňyza arzuwlaryňyzy beýan edýän tekst faýlyny trödediň we ony suratlar bilen bezäň.

Soňra faýly bu papkada ýatda saklaň.Bu papkanyň lokal torda elýeterli bolmagyny üpjün ediň.

Onuň üçin aşakdaky amallary ýerine ýetiriň:

Papkanyň üstünde syçanyň sag gulagyna basyň;

Kontekst menýudan **Свойства** bölümini saýlaň;

**Свойства** penjiresinden **Доступ** buýrugyny saýlaň;

**Свойства** penjiresinde **Открыть общий доступ к этой папке** buýrugy saýlaň.

# Interaktiw-multimedia elektron gollanmany taýýarlanlar:

Saryýew Döwran
Ataýew Kakageldi
Garýagdyýew Orazberdi